# KÄR HÄSIÝETNAMASY

**Taýýarlygyň ugry:** 2.09.03.02 Maglumat ulgamlary we tehnologiýalary (oba hojalygynda)

**Dereje:** bakalawr

Şu kär häsiýetnamasy Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleriniň Maglumat ulgamlary we tehnologiýalary (oba hojalygynda) taýýarlyk ugry boýunça taýýarlanylýan bakalawrlaryň wezipelerini hem-de olaryň taýýarlyk ugruna bildirilýän esasy talaplary kesgitleýär.

Kär häsiýetnamasy bakalawrlary taýýarlamaklygyň meýilnamasyny işläp düzmek, taýýarlanyljak bakalawrlaryň sanyny anyklamak, olaryň düzümini delillendirmek, ýokary okuw mekdebinde okuw-terbiýeçilik işlerini guramak, okuwyny tamamlan uçurymlaryň işlemeli ýerlerine ugradylyşyny, işe ýerleşdirilişini üpjün etmek we olaryň ýerine ýetirýän wezipeleriniň taýýarlygynyň ugruna laýyklygyny seljermek üçin ulanylmalydyr.

## Bakalawryň wezipesi

Bakalawr oba hojalyk önümçiligini dolandyrmak işini ýokary okuw mekdebinde alan bilim derejesine laýyklykda amala aşyrmak üçin taýýarlanylýar. Maglumat ulgamlary we tehnologiýalary (oba hojalygynda) taýýarlyk ugry boýunça taýýarlanylýan bakalawr hünär işiniň aşakdaky wezipeleriniň çözgüdine taýýar bolmalydyr: taslanýan obýektiň deslapky barlagyny, ulgam derňewini, olaryň arabaglanyşygyny taslamaga; tehniki taslamalary ýerine ýetirmege; iş ýüzünde taslamaga; taslamak üçin başlangyç maglumatlary saýlamaga; prosesleri we ulgamlary modelirlemäge; howpsuz durmuş şertlerini üpjün etmegi hasaplamaga; ykdysady netijeliligi hasaplamaga; taslama resminamalarynyň ähli görnüşlerini işläp düzmäge, tassyklamaga we çap etmäge; esasy we amaly maglumat tehnologiýalaryny taslamaga; maglumat tehnologiýalaryny ornaşdyrmak üçin serişdeleri işläp düzmäge; maglumat tehnologiýalaryny taslamagyň awtomatlaşdyrylan serişdelerini işläp düzmäge; oba hojalygynda we beýleki ugurlarda hünär işi üçin tehnologiýalary işläp düzmäge hem-de ornaşdyrmaga; iş ýerlerinde tehniki enjamlary, kompýuter serişdelerini ýerleşdirmäge we olary guramaga; maglumat ulgamlarynyň eýeçiliginiň umumy gymmatyny kesgitlemäge; taslanylýan obýektiň hilini üpjün etmek üçin önümçilik we önümçilik däl çykdajylary kesgitlemäge; giriş maglumatlarynyň hil gözegçiligini guramaga; ylmy-tehniki maglumatlary ýygnamaga, barlag edilýän tema boýunça içerki we daşary ýurt tejribesini seljermäge; ulanylan matematiki modelleri barlamak boýunça geçirilýän hasaplama synaglarynyň işine gatnaşmaga; uzak möhletleýin meýilnamalary maglumat we aragatnaşyk tehnologiýalary, kärhanalaryň we

guramalaryň infrastrukturasy bilen utgaşdyrmaga; programma üpjünçiligini gurmaga, düzetmäge we maglumat ulgamlarynyň synag işini geçirmek üçin enjamlary saýlamaga; taýýar komponentlerden programma üpjünçiligi ulgamyny ýygnamaga; programma üpjünçiligini gurmaga, düzetmäge we maglumat ulgamlaryny önümçilik işine girizmek üçin tehniki serişdeleri döretmäge; maglumat ulgamlaryny synagdan geçirmäge we işe girizmäge; görkezilen funksional aýratynlyklarda maglumat ulgamlarynyň we tehnologiýalarynyň öndürijiligini hil ölçeglerine laýyklykda goldamaga hem-de hyzmat etmäge; maglumat ulgamlarynyň iş aýlawynyň şertlerini üpjün etmäge; maglumat ulgamlarynyň we tehnologiýalarynyň howpsuzlygyny, maglumatlaryň bitewiligini üpjün etmäge; üýtgeýän iş şertlerine görä programmalary uýgunlaşdyrmaga; maglumat ulgamlaryny peýdalanmak boýunça görkezmeleri taýýarlamaga.

Bakalawr oba hojalyk toplumyna degişli bolan ministrliklerde, pudaklarda, daşary ýurt kompaniýalarynyň bilelikdäki birleşmelerinde, daýhan birleşiklerde, daýhan hojalyklarda, kiçi kärhanalarda ýokary bilimli hünärmenlere niýetlenen wezipeleri eýeläp biler.

## Bakalawra bildirilýän umumy talaplar

Bakalawr ýokary hünär taýýarlykly, medeniýetli we salyhatly, halkyň bähbidini arap bilýän, Watanymyza, halkymyza, Hormatly Prezidentimize wepaly, häzirki zaman türkmen jemgyýetiniň talaplaryna, Türkmenistanyň Prezidentiniň syýasatlaryna dogry düşünýän we olary gyşarnyksyz durmuşa geçirip bilýän hünärmen bolmalydyr.

Bakalawr köpçülige ýolbaşçylyk etmegi, öz işgärlerini agzybirlik, maksada okgunlylyk ruhunda terbiýelemegi, nazary bilimini we tejribelik endiklerini yzygiderli hem-de üznüksiz kämilleşdirmegi, öz taýýarlyk ugry boýunça toplan ylmy maglumatlaryna düşünip, olary işinde ulanmagy, zähmeti ylmy nukdaýnazarda guramagy başarmalydyr.

Bakalawr ýokary okuw mekdebinde alan bilimini, ylmyny we tejribe taýdan taýýarlygyny yzygiderli ösdürip, kärini kämil bilmelidir, syýasy-jemgyýetçilik pikirini çuňlaşdyrmak bilen zähmeti ylmy taýdan guramak ýörelgesini önümçilikde ulanmagy başarmalydyr, işgärler toparyna ýolbaşçylyk etmegiň häzirki zaman usullaryna, şeýle hem işgärleriň arasynda syýasy-terbiýeçilik işlerini alyp barmagyň tärlerine eýe bolmalydyr.

## Bakalawr şu aşakdakylary bilmelidir:

- taslama-konstruktorçylyk işlerini;
- taslama-tehnologiki işleri;
- önümçilik-tehnologiki işleri;

- guramaçylyk-dolandyryş işlerini;
- ylmy-barlag işleri;
- innowasiýa işlerini;
- gurmak we işe girizmek işlerini;
- hyzmat we amaly işleri.

**Bakalawr şu aşakdakylary başarmalydyr:**

- nazary we amaly meseleleri çözmekde ylmy-nazary bilimlerini peýdalanmagy;
- ulgamlaýyn we deňeşdirme seljermesini geçirmäge;
- derňew endiklerine eýe bolmagy;
- özbaşdak işlemegi;
- täze pikirleri döretmegi;
- meseleleri çözmekde dersara çemeleşmelere eýe bolmagy;
- maglumatlary dolandyryş, kompýuter bilen işlemek, tehniki enjamlardan baş çykarmak bilen baglanyşykly endiklere eýe bolmagy;
- dil we hat kommunikasiýalaryň ukyplaryna eýe bolmagy;
- dowamly okap, öz başarnyklaryny ýokarlandyrmagy;
- tebigy-ylmy dersleriň esasy kanunlaryny öz kär işinde ulanmagy;
- önümçilik işgärlerini we ilaty tebigy betbagtçylyklaryň hem-de adatdan daşary ýagdaýlaryň mümkin bolan netijelerinden goramagyň esasy usullaryny amala aşyrmagy;
- ykdysady nazaryýetiň esasy düzgünlerinden baş çykaryp bilmegi, olary bazar ykdysadyýetini hasaba almak bilen ulanmagy;
- ylmy esasda zähmeti guramagy, işe özbaşdak baha bermegi;
- raýatlyk häsiýetine eýe bolmagy;
- sosial ylalaşyga ukyply bolmagy;
- şahslar bilen özara aragatnaşygy ýola goýup bilmegi;
- saglygy goraýyş ukybyna eýe bolmagy;
- tankyda we öz-özüňe tankyda ukyply bolmagy;
- topar bolup işlemegi;
- önümçiligi guramagy we dolandyrmagy;
- medeni gymmatlyklardan we ýörelgelerden ýerlikli peýdalanmagy;
- berlen görkezijilere we çäklendirmelere laýyklykda taslamanyň maksatlaryny hem-de wezipelerini kesgitlemegi;
- meseleleri çözmegiň umumylaşdyrylan görnüşlerini işläp düzmegi, bu görnüşleri seljermegi, netijeleri çaklamagy, köp ölçegli şertlerde ylalaşyklary tapmagy;
- taslanylýan obýektiň, predmetiň, olaryň özara gatnaşyklarynyň ulgam

seljermesini we deslapky gözlegini geçirmegi;

- tehniki taslamany amala aşyrmagy;
- iş ýüzündäki taslamalary amala aşyrmagy;
- taslama üçin başlangyç maglumatlary saýlamagy;
- prosesleri we ulgamlary modelirlemegi;
- taslanylýan obýektiň ygtybarlygyna we hiline baha bermegi;
- hil standartlaryna laýyklykda taslamany sertifikatlaşdyrmagy;
- durmuş howpsuzlygy üçin şertleri üpjün etmegi;
- taslama resminamalarynyň ähli görnüşlerini işläp düzmegi, utgaşdyrmagy we çap etmegi;
- esasy we amaly maglumat tehnologiýalaryny taslamagy;
- maglumat tehnologiýasyny ornaşdyrmak üçin serişdeleri döretmegi;
- maglumat tehnologiýasynyň awtomatlaşdyrylan taslamasy üçin serişdeleri işläp taýýarlamagy;
- hünär işiniň meselelerini çözmegi;
- maglumat ulgamlaryny önümçilige ornaşdyrmagy hem-de maglumat tehnologiýalaryny düzmegi we işletmegi;
- maglumat tehnologiýasynyň hilini dolandyrmak boýunça resminamalary taýýarlamagy;
- oba hojalygynda we beýleki ugurlarda hünär işiniň obýektlerini kämilleşdirmek üçin tehnologiýalary ulanmagy;
- iş ýerlerinde kompýuter we tehniki enjamlary ýerleşdirmegi;
- ýerine ýetirijileriň kiçi toparlarynyň işini guramakda ýardam etmegi;
- taslanylýan obýektiň hilini üpjün etmek üçin önümçilik we önümçilik däl çykdajylary kesgitlemegi;
- giriş maglumatlarynyň hiline gözegçilik etmegi;
- ylmy-barlag temasy boýunca ýurduň we daşary ýurt tejribesiniň ylmy tehniki maglumatlaryny seljermegi hem-de ýygnamagy;
- synag gözlegleriň taslamasyna gatnaşmagy we alyp barmagy;
- synag maglumatlaryň we alnan çözgütleriň netijelerini deňeşdirip, saýlanan modeliň dogrulygyny subut etmegi;
- hünär barlagynyň netijelerini gaýtadan işlemegiň, derňemegiň we sintez etmegiň matematiki usullaryny ulanmagy;
- alnan işiň netijelerini ylmy-tehniki maslahatlarda prezentasiýa, ylmy-tehniki hasabatlar, makalalar görnüşinde resmileşdirmegi;
- täze bäsdeşlik pikirlerini emele getirmegi we taslamalarda durmuşa geçirmegi;
- programma üpjünçiligini gurmagy, düzetmegi we maglumat ulgamlaryny synag hem-de önümçilik işine girizmek üçin tehniki serişdeleri düzmegi;
- taýýar komponentlerden maglumat ulgamyny ýygnamagy;

- görkezilen funksional aýratynlyklarda maglumat ulgamlarynyň we tehnologiýalarynyň işleýşiniň hil ölçeglerine laýyklykda saklamagy;

- maglumat ulgamlarynyň we tehnologiýalarynyň howpsuzlygyny, maglumatlaryň bitewiligini üpjün etmegi;

- programmalary üýtgeýän iş şertlerine görä uýgunlaşdyrmagy;

- maglumat ulgamlary üçin iş görkezmelerini düzmegi;

- maglumat ulgamlarynyň serişde we programma üpjünçiliginiň bölekleýin çyzgylaryny, resminamalaryny döretmegiň hem-de okamagyň esasy usullaryny we kanunlaryny ulanmagy;

- mümkinçilikleri seljermegi we bilim tehnologiýalaryny ulanyp, täze düşünjelere eýe bolmagy;

- meseläni çözmek üçin maglumat ulgamlaryny we enjamlaryny durmuşa geçirmegiň usulyny saýlamagy hem-de kesgitlemegi.

Kär häsiýetnamasynyň ähli şertlerini şu taýýarlyk ugry boýunça bakalawrlary halk hojalygynyň talaplaryna laýyklykda taýýarlaýan we terbiýeleýän ýokary okuw mekdepler hem-de dolandyryjy guramalar gyşarnyksyz ýerine ýetirmelidirler.

Kär häsiýetnamasy kärhanalaryň, bilim we hünär derejesini ýokarlandyrýan edaralaryň okuw meýilnamalaryny düzmekde esasnama, şeýle hem iş ýazgysy hökmünde hyzmat etmelidir.

Kär häsiýetnamasyna ylmyň, tehnikanyň gazananlaryna esaslanan üýtgetmeler we goşmaçalar diňe Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň hem-de Türkmenistanyň Oba hojalyk ministrliginiň ylalaşmaklary esasynda girizilmelidir.